TÜRKMENISTANYŇ
ADALAT
MINISTRLIGI

✉ 744036,Aşgabat ş.,Arçabil şaýoly,150
☏ Tel.:39-19-21;Faks:39-19-71

MINISTRY
OF JUSTICE
OF TURKMENISTAN

✉ Archabil Ave.150, Ashgabat 744036
☏ Phone:39-19-21;Fax:39-19-71

«24» 07 2018 ý

№ 02-27/8394

*Siziň 2018-nji ýylyň 3-nji iýulynda iberen 3-8/6553 belgili hatyňyza*

**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligine**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi «Ýaşaýyş jaýlary» atly TGK 2.08.01 – 15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryny tassyklamak barada» Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2015-nji ýylyň 21-nji awgustynda çykaran MB-66 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, «Ýaşaýyş jaýlary» atly TGK 2.08.01 – 15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna üýtgetme girizmek hakynda» Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2018-nji ýylyň 8-nji iýunynda çykaran MB-81 belgili buýrugy 2018-nji ýylyň 23-nji iýulynda 1144 belgi bilen döwlet belligine alnandygyny habar berýär.

Şeýle hem, ýokarda agzalan buýrugyň 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegi üpjün edilmäge we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar berilmäge degişlidigini mälim edýäris.

**Ministriň orunbasary** **M. Taganow**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2018-nji ýylyň «23» «iýul» «1144» belgi bilen döwlet belligine alyndy

«Ýaşaýyş jaýlary» atly TGK 2.08.01 – 15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryny tassyklamak barada» Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2015-nji ýylyň 21-nji awgustynda çykaran MB-66 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, «Ýaşaýyş jaýlary» atly TGK 2.08.01 – 15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna üýtgetme girizmek hakynda» Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2018-nji ýylyň 8-nji iýunynda çykaran MB-81belgili buýrugy

TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYK WE BINAGÄRLIK MINISTRLIGI

MINISTRY OF CONSTRUCTION AND ARCHITECTURE OF TURKMENISTAN

# BUÝRUK

# ORDER

08 » iýun 2018 ý. № MB-81

«Ýaşaýyş jaýlary» atly TGK 2.08.01-15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryny tassyklamak barada» Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2015-nji ýylyň 21-nji awgustynda çykaran MB-66 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, «Ýaşaýyş jaýlary» atly TGK 2.08.01-15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna üýtgetme girizmek hakynda"

«Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 29-njy dekabrynda çykaran 526-njy karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi hakynda Düzgünnama laýyklykda binagärlik, gurluşyk, taslamalary düzmek babatda döwlet kadalaryny, gollanmalaryny, gözükdirmelerini we usulyýet resminamalaryny bellenilen tertipde işläp taýýarlamak we tassyklamak boýunça Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň üstüne ýüklenen wezipeleri amala aşyrmak maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda 927 san bilen bellige alnan, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2015-nji ýylyň 21-nji awgustynda çykaran MB-66 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, «Ýaşaýyş jaýlary» atly TGK 2.08.01-15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalarynyň 3.1-nji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«3.1. Ýaşaýyş jaýlarynda we umumy ýaşaýyş jaýlarynda liftiň ýokarky duralgasyndaky polunyň belligi bilen birinji gatyň polunyň taslamadaky belliginiň ýerleşýän aralygy 10,8 metr we ondan ýokary bolan şertinde hökmany tertipde ýük-adam gatnadýan liftleri göz öňünde tutulmalydyr.

Taslama tabşyrygyna laýyklykda liftler pes gatly jaýlarda hem, şol sanda öýleriň, gatlaryň içinde hem we jaýlaryň birinji gatynda dükan, kafe, türgenleşik zaly we şuňa meňzeşler taslananda ulanylyp bilner».

2. Şu buýrugy döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirlişine ministriň orunbasary Ç.Ahmedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **S. Selimow**